TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET DAŞARY YKDYSADY IŞ BANKY

**“GOÝUM BANK KARTY”** PLASTIK KARTYNY ALMAK ÜÇIN

ARZA-BORÇNAMA №

F.A.Aa.____________________________________________________________

Eýesiniň ady we familiýasy (latyn harplar bilen baş harpda karta ýazmak üçin her öýjükde bir harp ýazmaly)

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |

Familiýasy üýtgemänkä*____________________________________________

Pasport seriýasy, belgisi, haçan we kim tarapyndan berlen__________________________

____________________________________________________________________

Raýatlygy______________________________________ Doglan senesi ________________

Doglan ýeri________________________________________________________

Ýazgyda (bellige alnan) duran salgysy_______________________________________

Hakyky ýaşaýan salgysy___________________________________________________

Işleýän ýeri, gulluk salgysy, wezipesi (bar bolsa)_______________________________

____________________________________________________________________

Öý telefony__________________ Gulluk telefony (bar bolsa)_______________________

Mobil telefony__________________e-mail (bar bolsa)___________________________

Ynamly adamyň F. A. we telefony**__________________________________________

Özüm tarapyndan şu arza-borçnamada görkezilen maglumatlaryň hakykata laýyk gelýändigini tassyklaýaryn. Men, “Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň plastik kartlaryny ulanmak hakynda ylalaşyk” (arza-borçnamanyň arka tarapynda ýerleşdirilen) we bank kartlaryny ulanmagyň düzgünleri bilen tanyşdym we olary ýerine ýetirmäge borçlanýaryn.

Arza-borçnamany dolduran raýatyň goly___________ Arza-borçnamanyň doldurylan senesi____________

---

Bank işgäri tarapyndan doldurylýar:

Müşderä kart çykaryldy (kartoçkany çykaran işgäriň familiýasy, ady we goly)___________________

Müşderiniň kart hasabynyň belgisi

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |

Müşderiniň kart belgisi

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |

Kartyň hereket ediş möhleti

| güni | | aýy | | ýyly | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |

Kartoçkanyň berlen senesi

| güni | | aýy | | ýyly | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |

Kartoçkany müşderä beren işgäriň familiýasy, ady, goly we möhürçesi___________________________

* egerde familiýaňyz üýtgän bolsa.

** Bank Siz bilen habarlaşyp bilmedik ýagdaýynda ulanmak üçin.

# Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň “Goýum bank kart” plastik kartlaryny ulanmak hakynda ylalaşyk

Mundan beýläk Bank diýlip atlandyrylýan, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bir tarapdan hem-de mundan beýläk Müşderi diýlip atlandyrylýan, bank kartyny almak hakynda arza-borçnama gol çekmek arkaly şu ylalaşygyň şertleri bilen ylalaşan, fiziki şahs beýleki tarapdan şu aşakdakylar barada ylalaşdylar:

**1-nji madda. Ylalaşygyň mazmuny.**

Şu ylalaşyk, Bankyň Müşderä kart bermegi hem-de Müşderiniň bankyň beren bank kartyny ulanmagy bilen baglanyşykly Taraplaryň arasyndaky gatnaşyklary sazlaýar.

Bank karty (mundan beýläk – kart), kartyň şu görnüşini tölege kabul edýän ähli ygtyýarlandyrylan edaralarda we söwda-hyzmat nokatlarynda (mundan beýläk SHN) harytlaryň we hyzmatlaryň tölegini geçirmek, şeýle hem karz edaralarda ýa-da bankomat ulgamlary arkaly nagt pul serişdelerini almak üçin niýetlenendir. Kart bermek we ulanmak tertibi, şeýle hem kartda ýerine ýetirilen amallar boýunça hasaplaşyklaryň tertibi aşakdaky resminamalar bilen sazlanylýar:

- Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygy;
- Degişli töleg ulgamynyň düzgünleri;
- Bank tarapyndan tassyklanan we şu ylalaşygyň aýrylmaz bölegi bolup durýan “Kartlary ulanmagyň düzgünleri”;
- Bankyň hyzmatlarynyň adaty nyrhanamasy (tarifleri);
- Plastik kartlaryny ulanmak hakynda ylalaşyk.

**2-nji madda. Kart çykarmak.**

2.1. Bu kart Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan çykarylan kartdyr.
2.2. Bank karty Müşderi tarapyndan kart almak üçin ähli tölegler geçirilenden we Bank tarapyndan bellenilen resminamalaryň sanawy boýunça ähli resminamalar tabşyrylandan soňra berilýändir.
2.3. Kart – hususylaşdyrylan resminamadyr. Kart berlende Müşderi, kartda ýörite bellenilen ýerde gol çekmelidir. Kartda müşderiniň golynyň bolmazlygy kart boýunça amallaryň ret edilmegine şeýle hem töleg ulgamlary we karz edarasy tarapyndan öwezini dolmazdan karty dolanyşykdan aýyrmak üçin kanuny esas bolup durýar.
2.4. Eger-de müşderi arza beren senesinden 60 senenama günüň dowamynda çykarylan karty almasa, kart ýok edilip bilner.

**3-nji madda. Karty ulanmak.**

3.1. Kart, onuň daşynda nyşany we / ýa-da ady görkezilen degişli töleg ulgamynyň çäklerinde ulanylýar.
3.2. Kart, harytlaryň we hyzmatlaryň töleglerini geçirmek, şeýle hem bankomatlardan ýa-da nagt pul berýän nokatlardan nagt pul serişdelerini almak üçin ulanylýar. Bu kartdaky serişdeleri alyş-çalyş amallaryny geçirmek üçin ulanmaga ýol berilmeýär.
3.3 Kart boýunça amallar amala aşyrylanda, Müşderiniň kart hasabyndaky serişdeleriň jemi ätiýaçlykda saklanýar (awtorizasiýa). Kart bilen töleg amallary, töleg üçin karty kabul edýän SHN-nyň işgäriniň beren slipinde (çeginde) müşderiniň goly bolmagy talap edýän bolsa, amalyň ahyrynda şu resminamadaky we kartdaky gollar deňeşdirilýär. Gollar deň gelmedik ýagdaýynda, SHN-nyň işgäri kart arkaly tölegi kabul etmän ýa-da karty öňünden duýdurman alyp bilýändir.
3.4.Müşderi, karty ulanmazdan öň harytlaryň hem-de hyzmatlaryň tölegini geçirmek üçin kart hasabynda ýeterlik pul jeminiň bardygyna göz ýetirmelidir.
. 3.5. Bank, Müşderi we töleg üçin karty kabul edýän SHN-nyň arasyndaky täjirçilik dawalara jogap bermeýär.
. 3.6. Bank her bir karta, kartyň kanuny eýesine degişliligini görkezýän, şahsy identifikasiýa belgisini berýär (PIN-kod) Nagt pul serişdeleri alnanda ýa-da elektron terminaly arkaly hasaplaşyklar geçirilende, PIN-kodyň girizilmegi, Müşderiniň şahsy goly hökmünde kabul edilýändir. Yzygiderli üç gezek PIN-kod nädogry girizilen ýagdaýynda, kart yzyna alynýar ýa-da bloklanýar.

**4-nji madda. Müşderiniň kart hasaby boýunça amallar.**

. 4.1. Kart we / ýa-da onuň rekwizitlerinden peýdalanyp ýerine ýetirilen amallar boýunça kart hasabyndan pul serişdeler Müşderiniň goşmaça buýrugy bolmazdan elektron maglumatlarynyň esasynda töleg ulgamynyň gatnaşyjylary tarapyndan alynýar.
. 4.2. Müşderiniň kartyny ulanmak bilen ýerine ýetirilen amallar boýunça prosessing merkezinde, bankomatda ýa-da elektron terminalda hasaba alnan maglumatlar Müşderiniň kart hasabyndaky galyndynyň üýtgemegi üçin gürrüňsiz esas bolup durýar.
. 4.3. Karty töleg üçin kabul eden SHN-nyň beren slipi (çegi), Müşderiniň (zerur bolan ýagdaýynda müşderiniň goly bolanda) kart hasabyndaky serişdeleri debet etmek üçin esas bolýar.
. 4.4 Müşderiniň kart hasaby onuň ýazmaça arzasy ýa-da Bankyň talaby boýunça ýapylýar. Şeýle ýagdaýda Müşderi karty banka tabşyrmalydyr. Hasap ýapylanda amala aşyrylýan ahyrky hasaplaşyk hasaby ýapmak baradaky resminamanyň esasynda ýerine ýetirilýär.

**5-nji madda. Karty ýitirmek, almak ýa-da ogurlatmak.**

5.1. Müşderi kartyny ýitiren, aldyran ýa-da ogurladan ýagdaýynda tiz wagtda Banka habar bermelidir. Habar, bankyň sorag-jogap hyzmatynyň telefonynyň ýa-da faksyň (40-65-63, 40-65-64) , şeýle hem Bankyň elektron poçtasynyň üsti bilen (tveb@online.tm) ýa-da bankda ýazmaça arza ýazyp habar bermelidir, faks arkaly habar hatynda müşderiniň goly bolmalydyr.
5.2.Ýitgi, ogurlyk hakynda her bir dilden aýdylan habar 24 sagadyň dowamynda müşderiniň goly bolan ýazmaça haty bilen tassyklanmalydyr (şol sanda faks boýunça). Eger tassyklanmasa, Bank bellenilen möhletiň dolmagy bilen karty blokdan çykarmaga hukugy bardyr. Şeýle ýagdaýda kartyň bikanun ulanmagy netijesinde ýitgiler Müşderiniň öz jogapkärçiligine degişlidir.
5.3. Kartyň ýitendigi, ogurlanandygy hakynda habaryň kabul edilen senesi we wagty, Bank tarapyndan Müşderiniň goly bilen tassyklanan ýazmaça habaryň kabul edilen senesi hasaplanýar.
5.4. Kartyň ýitendigi, ogurlanandygy hakynda müşderiniň her bir dilden ýa-da ýazmaça habary Müşderini we karty anyk kesgitlemek üçin doly we takyk maglumatlardan ybarat bolmalydyr. Nädogry we doly bolmadyk maglumatlar boýunça karty we Müşderini anyklamak mümkin bolmadyk halatynda, Bank karty bloklamagy ret etmegä hukugy bardyr.

**6-njy madda. Kartyň hereket ediş möhleti.**

6.1. Kartyň çäklendirilen hereket ediş möhleti bardyr. Möhlet kartyň ýüzünde görkezilendir, bellenilen aýyň we ýylyň soňky gününe çenli hereket edýändir.
6.2. Hereket ediş möhleti dolandan soňra, kart boýunça amallar, kartyň gaýtadan çykarylmagyna çenli togtadylýarlar.

**7-nji madda. Müşderiniň borçlary.**

7.1. Müşderi karty nyşany we / ýa-da ady kartyň ýüzünde bellenilen degişli töleg ulgamynyň çäklerinde ulanmaga borçlydyr.
7.2. Kartyň we PIN-kodyň abatlylygy boýunça Müşderi jogapkärçilik çekýändir.
7.3. PIN-kod hakynda maglumat gizlin we üçünji şahslara, şol sanda bankyň işgärlerine aýan etmäge degişli däldir.
7.4. Müşderi karty we / ýa-da onuň rekwizitlerini (kartyň belgisi, hereket ediş möhleti) şol sanda PIN-kody hiç bir şertlerde başga birine ulanmaga bermeli däldir.
7.5. Müşderi, 4.4 bendinde bellenilen şertleriň esasynda, Bankyň ilkinji talaby boýunça karty yzyna tabşyrmalydyr. Bu talabyň tassyknamasy, arza – borçnamada görkezilen salga iberilen habar bolup durýar.
7.6. Kart ýitirilen, ogurlanan ýagdaýlarynda, şeýle hem PIN-kod nädogry ulanylanda Müşderi, kartyň bloklamasy we blokdan açylmagy bien baglanyşykly ähli bank çykdajylaryny wagtynda we doly möçberde tölemelidir.
7.7. Müşderi, şu aşakdaky sebäpler boýunça ýüze çykýan bergileri banka tölemelidir:

- Bank hyzmatlarynyň adaty nyrhnamasyna laýyklykda karty ulanyp geçirilen amallar üçin serişdeleriň ýetmezçiligi;
- Kartyny ýa-da onuň rekwizitlerini başga birine berlen ýagdaýynda;
- PIN-kod nädogry ulanylanda, kart ýitirilen ýagdaýynda Bankyň hyzmatlarynyň adaty nyrnamasyna (tariflerine) laýyklykda tölegleri;
- Kart hasabyna serişdeleriň ýalňyş geçirilmeginiň netijesinde Müşderiniň özüne degişli bolmadyk serişdeleri ulanylan ýagdaýynda;
- Töleg awtorizasiýasyz geçirilende.

7.8. Müşderi bank kartlaryny ulanyp geçiren amallary üçin Bankyň hyzmatlarynyň adaty nyrhnamasyna laýyklykda Bank ýygymalryny tölemäge borçlydyr.

**8-nji madda. Müşderiniň hukuklary.**

8.1. Müşderi, amal ýerine ýetirilenden soňra 60 senenama güniň dowamynda hasap boýunça göçürmede görkezilen möçberler boýunça dawalaşmaga hukugy bardyr. Dawalaşmak, Müşderiň tassyklaýjy resminamalarynyň (çekler we ş.m.) ýa-da dawalaşylýan pul serişdeleriň möçberi hakynda SHN-nyň resminamalaryny goşmak bilen Banka arza bermek arkaly resmileşdirilýär.
8.2. Müşderi islendik möçberde pul serişdelerini Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy resminamalaryna laýyklykda nagt görnüşinde goýmak arkaly kart hasabyny Bankda dolduryp, şeýle hem islendik möçberde nagt pul serişdelerini alyp biler.
8.3. Müşderi, 4.4 we 7.8 bentleri berjaý etmek bilen kart hasabyny ýapmak isleýändigini beýan edip banka arza bermek arkaly şu ylalaşygy ýatyrmaga haky bardyr.

**9-njy madda. Bankyň borçlary.**

9.1.Bank. Müşderiniň birinji talaby boýunça hasap boýunça göçürme bermäge borçlanýar.
9.2.Bank, Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna hem-de şu ylalaşyga laýyklykda kart hasaby boýunça amallary degişli ýagdaýda ýerine ýetirmäge borçlydyr.

**10-njy madda. Bankyň hukuklary.**

10.1. Bank, 4.1-4.4 bentlerine laýyklykda Müşderiniň kart hasabyndaky galyndynyň ululygyny üýtgetmäge haky bardyr.
10.2. Bank, Müşderiniň kart hasabynda serişdeleriň ýetmedik ýagdaýynda, Müşderiniň beýleki hasaplaryndaky pul serişdeleri ulanmaga haky bardyr. Şu şertnamanyň 7-nji maddasynyň (Müşderiniň borçlary) 7.7 bendine laýyklykda we şol tertipde bergiler berilmedik ýagdaýynda, Müşderiniň ähli hasaplaryna akseptsiz töleg tabşyrygyny goýmaga hukugy bardyr.
10.3.Bank, Müşderi tarapyndan şu ylalaşygyň 7.2.,7.3. we 7.4 bentlerindäki talaplar ýerine ýetirilmedik ýagdaýlarynda ylalaşygy ýatyryp we karty togtadyp, şeýle hem karty alyp bilýändir.
10.4.Bank, Müşderiniň bergisini ýapmak üçin ähli gelýän pul serişdeleri, şol sanda Müşderiniň Bankdaky beýleki hasaplaryndaky pul serişdeleri Müşderiniň kart hasabyna gönükdirmäge haky bardyr.
10.5.Hereket ediş möhleti dolan ýagdaýynda, Bank islän wagty sebäpsiz karty alyp we/ ýa-da ony gaýtadan bermän hem biler.
10.6.Ogurlyk, ýa-da Kart alnanda, ýitirlende we beýleki ýagdaýlarda Bank, Kart boýunça sarp edilen serişdeleriň öwezini dolman hem bilýär.
10.7.Şu aşakdaky şertler berjaý edilende Bank şu ylalaşygy ýatyryp bilýär:

- 180 (bir ýüz segsen) güniň dowamynda kart hasaby boýunça amallar ýerine ýetirilmedik we / ýa-da kart hasabynda pul serişdeleriň bolmadyk ýagdaýynda,
- Müşderiniň Bankyň öňünde bergileriniň bolmadyk ýagdaýynda,
- Kartyň hereket ediş möhleti bolsa gutaran ýagdaýynda,
- Bellenilen şertler bir wagtda berjaý edilende, Bank şu ylalaşygyň 4.4 bendine laýyklykda Müşderiniň kart hasabyny ýapyp biler.

**11-nji madda. Üýtgeşme girizmek.**

11.1.Bank, şu ylalaşygyň şertlerine, bank hyzmatlarynyň adaty nyrhnamasyna we “Kartlaryň ulanylyş düzgünlerine” bir taraplaýyn tertipde üýtgeşme girizip biler, üýtgeşmeleriň güýje girizilmezden iki hepde öň Bankyň bölümçelerinde we / ýa-da Bankyň resmi saýtynda www.tfeb.gov.tm degişli habar goýup Müşderä üýtgeşmeler hakynda maglumat bermelidir.
11.2.Şu ylalaşygyň 11.1 bendine laýyklykda Müşderi şu ylalaşygyň şertlerine, Bank tarapyndan teklip edilen bank hyzmatlarynyň adaty nyrhnamasyna we “Kartlaryň ulanylyş düzgünlerine” girizilen üýtgeşmeler bilen ylalaşmasa, kart hasabyny ýapmak boýunça Banka arza berip biler. Bank, şu ylalaşygyň şertlerine, bank hyzmatlarynyň adaty nyrhnamasyna we “Kartlaryň ulanylyş düzgünlerine” üýtgeşme girizilenden soňra arza kabul etmese we / ýa-da bank hyzmatlarynyň adaty nyrhnamasyna we “Kartlaryň ulanylyş düzgünlerine” üýtgeşme girizilenden soňra Müşderi kart hasaby boýunça amallary ýerine ýetirse, ýokarda beýan edilen üýtgeşmeler ylalaşyldy hasap edilýändir.

**12-nji madda. Taraplaryň jogapkärçiligi.**

12.1.Bank, Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynyň bellän çäklerinde Müşderiniň amallary boýunça bank syryny berjaý etmäge jogap berýändir.
12.2.Müşderi şu ylalaşygyň şertleriniň nädogry berjaý edilmezligi bilen baglynyşykly hadysalara jogapkärdir.

**13-nji madda. Jemleýji ýagdaýlar.**

13.1.Şu ylalaşygyň ýagdaýlary boýunça dawalaryň hem-de gapma-garşylyklaryň öňüni almak üçin Bank we Müşderi ähli gerekli çäreleri görmelidirler, şeýle hem dawa ýa-da gapma-garşylyk ýüze çykan ýagdaýynda taraplar olary özara ylalaşykly we parahatly ýol arkaly çözmek üçin tagallalar etmelidirler. Şu ylalaşygyň ýagdaýlary boýunça dawalary we gapma-garşylyklary özara ylalaşyk arkaly çözmek mümkin bolmasa, onda olar Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda garalmalydyr.
13.4.Şu ylalaşyk iki nusgada düzülen, taraplaryň hersine biri berilýär we gol çekilenden soňra güýje girýär hem-de borçnamalar doly ýerine ýetirilýänçä hereket edýär.